# Howa maglumaty

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Howa maglumaty

HOWA MAGLUMATY

Ýerli radiogepleşikler baradaky komitetiň täze diktory soňky habarlary okap boldy-da, ýuwdundy. Onuň bokurdagy gijedi, ardynjyrasy geldi. Ýöne özüniň mikrofonyň öňünde oturandygy ýadyna düşüp saklandy. Sesi gyryljygrak çykdy.
– Indi bolsa howa maglumatyny diňläň… Häzir oblast merkezinde açyk howa… Wiý, duruň hany… – Ol başyny galdyryp penjireden daşaryk seretdi. Abanyp gelen güýçli gara ýel ony diňşirgendirdi. Diktor elindäki kagyzy içinden okap gördi. Daşardaky howa bilen onuň okamaly maglumatynyň çapraz gelýändigi ony çykgynsyz ýagdaýa saldy. Nätjegini bilmän ýaýdanjyrady. Ýok, göz-görtele ýalan sözlemeli däl, hakykaty aýtmaly. – Bagyşlaň, häzir oblast merkeziniň üstüne güýçli gara ýel geldi. Dogrusy, onuň näçe wagta çekjegini men-ä bilemok, anyklanymyzdan soň goşmaça maglumat bereris…
Diktor özbaşdak hereketi üçin kösenmeli boldy. Düşündiriş ýazdy, ýerlikli-ýerliksiz sowallara jogap berdi…
Ahyrynda ýaglyja käýinji diktoryň ýagyrnysyna doňdurdylar.
– Bäý-bä-ä, bu nähili bolýar-aý?! Dogryňy aýtsaň käýinç berýäler-le. Ýa henizem şol öňküler ýaly, ýalan sözläp ýörmelimikä?!
Aý ýok-la, näme diýselerem, çynyňy aýdanyň ýagşy!

Täçmämmet JÜRDEKOW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy.

Satiriki hekaýalar